**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY**

**TASSYKLAÝARYN**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň**
**rektory __________ A.Ö.Gurbannazarow**
**«______» ___________ 2026ý.**

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Statistika» dersi boýunça geçiriljek onlaýn internet bäsleşiginiň**

**D Ü Z G Ü N N A M A S Y**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşlere, belent özgerişlere eýe bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il bähbitli, ýurt ähmiýetli belent maksatlary ýaş nesiller üçin görelde mekdebidir.

Türkmen ýaşlaryny ata-babalarymyzyň ynsanperwer ýörelgesi esasynda milli ruhda terbiýelemek, olarda ene topraga, merdana halkymyza bolan buýsançlaryny ösdürmek, talyp ýaşlary kämil hünärmenler edip ýetişdirmek, olaryň nazary bilimlerini artdyrmak, amaly ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Statistika» dersi boýunça onlaýn görnüşinde internet bäsleşigi yglan edilýär.

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1.Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriň talyplarynyň arasynda «Statistika» dersi boýunça internet bäsleşigini guramagyň we geçirmegiň tertibini kesgitleýär. Bu bäsleşik talyplaryň alan nazary bilimlerini berkitmek, ukyp-başarnyklaryny ösdürmek, şeýle hem olaryň özbaşdak işlemek endiklerini kämilleşdirmek maksady bilen geçirilýär.

1.2.Internet bäsleşiginiň maksady aşakdakylardan ybarat:

a) ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda işjeň gatnaşyklary emele getirmek, berkitmek we özara bähbitli maglumatlary alyşmak;

b) ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň arasynda özara pikir alyşmalary guramak;

ç) ykdysadyýetde ýüze çykýan meseleleri seljermäge, derňemäge ukyplary we başarnyklary bolan ýaş hünärmenleri ýetişdirmek.

1.3. Internet bäsleşiginiň wezipesi aşakdakylardan ybarat:

a) döwrebap tehnologiýalary ulanmak arkaly talyp ýaşlarynyň statistika dersine degişli bolan nazary meseleleri çözmäge gyzyklanma döretmek;

b) ýaşlary ylmy täzeçillige höweslendirmek;

ç) zehinli talyplary ýüze çykarmak;

d) ýokary okuw mekdepleriň özara hyzmatdaşlygyny giňeltmek.

## II. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

2.1. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda «Statistika» dersi boýunça geçiriljek onlaýn internet bäsleşigini guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmen döwlet maliýe institutynyň professor-mugallymlaryndan ybarat bolup, rektoryň buýrugy bilen tassyklanýar. Guramaçylyk topary ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda onlaýn internet bäsleşigini geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barýar.

2.2. Bäsleşik türkmen dilinde geçirilýär. Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan **2026-njy ýylyň maý aýynyň 14-ne sagat 15:00-da** onlaýn görnüşinde geçiriljek bäsleşige her ýokary okuw mekdebinden 3 (üç) sany talybyň gatnaşmagyna rugsat berilýär. Gatnaşjak talyplar we olara ýolbaşçylyk etjek mugallymlar baradaky maglumatlar **2026-njy ýylyň maý aýynyň 11-ne çenli** şu Düzgünnamanyň goşundysyna laýyklykda, Türkmen döwlet maliýe institutynyň buhgalter.hasaby@gmail.com elektron poçtasyna ugradylmaly. Her bir gatnaşýan talyp internet sahypasy arkaly hasaba alynmalydyr *(internet sahypasy barada maglumatlar goşmaça habar berler).*

2.3. Bäsleşikde beriljek test soraglary «Statistika» dersine degişli bolup, kesgitlenen wagtyň dowamynda kompýuter arkaly test soraglara dogry jogap bermekden ybarat.

2.4. Bäsleşikde 100 sany test soraglary (ýumuşlary) hödürlener. Her bir test soragy 4 jogaply (jogaplaryň diňe biri dogry) görnüşde taýýarlanylýar we test soraglaryna jogap bermek üçin jemi 100 minut berilýär. Her bir dogry test soragynyň (ýumuşynyň) jogaby 1 utuk, ýalňyş test soragynyň (ýumuşynyň) jogaby 0 utuk bilen bahalandyrylýar. Bäsleşikde gazanyljak utuklaryň iň ýokary mümkinçiligi 100 utuk bolup durýar.

2.5. Bäsleşige gatnaşýan talyp test soraglaryny özbaşdak işlemelidir. Bäsleşigiň dowamynda gatnaşyjylara gapdalyndaky talyplar bilen maslahat etmek, kitap we beýleki maglumat göteriji serişdelerinden peýdalanmak gadagan edilýar. Bäsleşigiň dowamynda gatnaşyjy talyby çalyşmaklyga ýol berilmeýär.

## III. BÄSLEŞIGIŇ NETIJELERINI JEMLEMEK WE SYLAGLAMAK

3.1. Internet bäsleşigiň netijeleri 2026-njy ýylyň 16-njy maýynda Türkmen döwlet maliýe institutynyň tdmai.olymp@gmail.com internet sahypasynda yglan ediler. Gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däldir.

3.2. Bäsleşige gatnaşýan talyplaryň işleriniň netijesi boýunça düşünişmezlik ýüze çykan ýagdaýynda bahalandyryş toparyna arz-şikaýat bilen talyplara ýolbaşçylyk edýän mugallym elektron poçta arkaly ýüz tutup biler.

3.3. Bäsleşigiň netijeleri boýunça orunlar ähli ýerine ýetirilen ýumuşlarda (testler boýunça) toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenilýär. Onlaýn görnüşinde geçiriljek bäsleşikde 1-nji, 2-nji, 3-nji orna mynasyp bolan talyplar, degişlilikde I, II, III derejeli Diplomlar bilen sylaglanarlar.

BELLIK: *Bäsleşigiň dowam edýän wagtynda şu düzgüni bozan gatnaşyjy talyp bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.*

*Habarlaşmak üçin:*

*+99364022437 mob. mugallym Orazmämmedow D.A.*

*+99362959976 mob. mugallym Sadykowa N.B.*

*+99363249950 mob. mugallym-öwreniji Saparmyradow T.*

*Goşundy*

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda «Statistika» dersi boýunça onlaýn görnüşinde geçiriljek internet bäsleşige**

____________________________________________________________

(ýokary okuw mekdebiň ady)

**gatnaşýan talyplaryň, ýolbaşçy mugallymyň**

## MAGLUMATY

| № | Bäsleşige gatnaşýan talyplar | | | Ýolbaşçy mugallym | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Hünäri | Ýyly | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Alymlyk derejesi | Alymlyk ady | Habarlaşmak üçin telefonlar |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |